# Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türk-türkmen toparynyň altynjy mejlisiniň Teswirnamasy

2007-nji ýylyň 6-njy dekabrynda gol çekilen «Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türk-türkmen topary hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga» laýyklykda 2022-nji ýylyň 1-nji iýulynda Aşgabat şäherinde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türk-türkmen toparynyň (mundan beýläk – «Topar») altynjy mejlisi geçirildi.

Toparyň Türk bölegine Türkiýe Respublikasynyň Wise-prezidenti Fuat Oktaý ýolbaşçylyk etdi.

Toparyň Türkmen bölegine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Batyr Atdaýew ýolbaşçylyk etdi.

Toparyň altynjy mejlisine gatnaşan türkmen we türk bölekleriniň düzümleri goşulýar (2-nji we 3-nji goşundylar).

Toparyň altynjy mejlisi iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge we diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen dostlukly gatnaşyklary şöhlelendirýän ysnyşykly ýagdaýda geçirildi.

Taraplar iki ýurdyň ykdysady ýagdaýy, sebitleýin we köptaraplaýyn meseleler, şeýle hem Taraplaryň arasyndaky söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlardaky gatnaşyklar barada maglumatlar bilen tanyşdylar.

Taraplar iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny bellemek bilen, olary has

22.7.2022 / 25322
5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

doly peýdalanmak üçin ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ugurlaryny giňeltmäge, haryt dolanyşygynyň möçberlerini artdyrmaga, işewür toparlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek barada ylalaşdylar.

Taraplar Türkmenistanyň we Türkiýe Respublikasynyň arasynda dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda geçirilen gepleşikleriň netijesi hökmünde şu Teswirnama goşulýan (Goşundy 1) Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türk-türkmen toparynyň Iş meýilnamasyny (Mundan beýläk – «Iş meýilnamasy») kabul etdiler.

Iş meýilnamasy, söwda-ykdysady we maýa goýum, bank, energetika, ulag we logistika, senagat we tehnologiýa, bilim we ylym, saglyk, medeniýet we syýahatçylyk, tebigaty goramak we şäher gurluşyk, oba hojalyk, sport, zähmet we durmuş üpjünçiligi ugurlaryny goşmak bilen dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy öz içine alýan-jemi 72 sany çärelerden ybaratdyr.

Taraplar Iş meýilnamasynda göz öňünde tutulan çareleri ýerine ýetirmek boýunça alnyp barylýan işleri gözden geçirmek maksady bilen, Türkiye tarapyndan-Türkiýe Respublikasynyň Söwda ministriniň orunbasarynyň we Türkmenistan tarapyndan-Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrınığ orunbasarynyň ýolbaşçylygynda degişli ugurlar boýunça jogapkär ýerine ýetiriji edaralaryň wekilleriniň gatnaşmagynda her alty aýda bir gezek gözegçilik duşuşyklaryny geçirmek bilen, şol gözegçilik duşuşyklarynyň netijesi boýunça Iş Meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlary jemläp, degişli hasabatlary Toparyň Başlyklaryna ýetirmegi barada ylalaşdylar.

22.7.2022 / 25322
5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:5624763412022720170 0. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.

Taraplar, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň ýedinji mejlisini Türkiýe Respublikasynda geçirmek barada ylalaşdylar, bu mejlisiň anyk senesi diplomatik ýollar arkaly ylalaşylar.

Şu Teswirnama 2022-nji ýylyň 01-njy iýulynda türkmen we türk dillerindäki iki sany asyl nusgada taýýarlanyldy we gol çekildi. Şol nusgalaryň ikisi-de birmeňzeş güýje eýedir.

***

**Toparyň Türk böleginiň başlygy**

**Fuat Oktaý**

**Türkiýe Respublikasynyň Wise-prezidenti**

**Toparyň Türkmen böleginiň başlygy**

**Batyr Atdaýew**

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary**

22.7.2022 / 25322

5070 sayılı kanun gereğince güvenli elektronik imza ile imzalanmıştır. ID:56247634120227201700. Bu kod ile http://dogrulama.tim.org.tr/ adresinden doğrulayabilirsiniz.